Nesil terbiýesi, perzendiň ata-enäniň öňündäki borçlary hakynda Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy-Azat» eserinde giňden beýan edilýär. Bu mesele Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň içinden hem eriş-argaç bolup geçýär. Onuň öwüt-nesihat temasynda ýazan ähli goşgulary ýaş nesli terbiýelemekde halkymyzyň ýörelge mekdebine öwrüldi. Bu barada Gahryman Arkadagymyz: «Gündogaryň beýik akyldary we danasy Magtymguly Pyragy özüniň çuňňur pähim-paýhasa ýugrulan goşgulary bilen ynsan kalbynda baky orun aldy. Dana Pyragynyň ynsanperwerligi, halallygy, agzybirligi ündeýän eserleri ähli adamzat üçin bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdyr» diýip belleýär.

Magtymguly Pyragy her bir türkmeniň şygyrlaryna köp ýüzlenen şahyryna, pikirdeşliginden göwünlerine teselli tapan syrdaşyna, durmuş maslahatçysyna, ruhy goldawçysyna öwrüldi. Akyldaryň edebi mirasynyň ýokary ähmiýetli tarapy onuň döredijiliginiň halk pähimleri we halk döredijiligi bilen tebigy baglanyşyp gidýänligidir. Şahyryň ençeme goşgulary nakyllara we atalar sözlerine öwrülip gidipdir.

Käbir mysallara ýüzleneliň

**— Gel, köňlüm, men saňa nesihat kylaý,**

**Watany terk edip gidiji bolma**

Bu setirlerde Pyragy Watanyň mukaddesligini, onda ýaşamagyň, Watan bilen galmagyň bagtdygyny hem-de beýleki sanalyp çykmasy mümkin bolmadyk eşretleri «Watany terk etme» diýen nesihatyň many gatlagynda goýýar. Özem kimdir birine däl-de, özüne nesihat edýär. Liriki gahrymanyň öz-özüne, ýagny köňlüne nesihat etmegini, eýýäm Watan diýen düşünjäniň öwredilip däl-de, her kimiň özünde bolmalydygy, has dogrusy, bolýandygy bilen düşündirilýär.

Akyldar şahyrymyz Watandan aýrylmagyň agyr dertdigini, il-günüň görer gözüňdigini:

**Gel, köňlüm, men saňa öwüt bereýin,**

**Yrak kylma görer gözüň — iliňni**

Ýa-da

**— Ýat illerde mysapyrlyk çekenden,**

**Ursa, sökse, horlasa-da, il ýagşy** — diýen setirlerde has içgin beýan edýär. Ynsana gan bilen geçýän häsiýetleriň biri bolan watanperwerligi dabaralandyrýan setirler biygtyýar

Все права защищены

«Müsürde şa bolandan Kenganda geda bol» diýen nakyl we onuň özeninde duran kyssa hakydaňa dolýar.

Magtymgulynyň goşgularynyň özeni, hamyrmaýasy halk durmuşy bilen aýrylmaz baglanyşykly. Şahyryň döredijiligi umman ýaly çuň. Akyl-paýhasyňy durlamak, kalbyňy päklemek, nesil terbiýesini kämilleşdirmek üçin bu ummandan ganybermeli. Şahyr öwüt-nesihat, ahlak-didaktiki goşgularynda, ynsanyň gylyk-häsiýetine degişli şygyrlarynda, şeýle-de dünýewi, pelsepewi, yşky lirikasynda-da halkyň ýürek arzuwlaryny, bagtly günlere teşneligini beýan edipdir.

**Baýramgeldi NURBERDIÝEW**
**S.A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены